# Gowulyk / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gowulyk / hekaýa

GOWULYK

Tomsuň güni köýnek-balagymy derden ýaňa öl-myžžyk edip, argyn halda zordan özümi öýe atdym.
– Dul galasyň gelmeýän bolsa, äriňe çaý ber tiziräk – diýip, gelşime-de aýalymy gyssadym. Olam bir hum çäýnegi öňümde goýup:
– Röwşen jan, bar, ballym, kakaňa bir käsejik getirip ber – diýdi.
Şu ýyl birinji klasa gatnap başlamaly oglum düňk düňk edip, aşhana ýumlukdy. Düňk-düňk edibem yzyna gaýtdy. Gelýärkä-de tekiz ýerde büdüräp, elindäki käseleriň ikisinem kül-pagyş etdi.
– E-eý, nädäýdiň nebir käseleri?! – diýip, men onuň sag gulagynyň düýbüne bir şarpygy gondurdym.
– Men saňa iki käse alyp gel diýdimmi? – diýip, öz gezeginde ejesem oglumyň sag gulagynyň düýbüni tozatdy.
Obadan ýöriteläp gezmäge gelen ejem:
– Degmäň çaga! Döwülse, döwülipdir-dä. Jäç döwülse, gowulyk bor gaýtyp… Tur, Röwşen jan, ýeriňden, tur, guzym! – diýdi.
Ertesi aýalym bir jäç tarelka bilen aýna süýjüdany göz-görtele çym-pytrak etdi-de:
– Jäç döwülse, gowy bor – diýip, ejemiň diýenlerini gaýtalady.
Menem:
– Dogry aýdýaň, keýwany! Jäç döwülse, hökman gowulyk bolaýmaly – diýdim-de, böwri gülli, ullakan hum çäýnegi asylgy duran ete hyýal edýän pişikden aýlap saldym. Röwşen jan-a meniň içip boşadan çüýşelerimi bireýýäm gyýçaga öwrüp taşlady. Ol indi tomatdan, mürepbeden, kompotdan boşan bankalary nyşana alyp ugrady. Ýagşydan-ýamandan sesini çykarmasa-da, onuň ýüregini men bilip durun. Gowulyk isleýär! Soň bir gün işden geldim

welin, aýalym gargynjyrap, çyralarymyzy döwüşdirip ýör:
– Barybir şu artyplar öçügsi. Bolanyndan bolmany gowy. Näçe gargyş etse-de, onuň päli düzüw. Gowulyk küýseýär! Onsoň menem "boş oturmaýyn-la" diýip, owadan jäç küldanymy paltaň astyna aldym. Balyk konserwasynam küldan edindim. Gowulyk tamakinçiligi bilen şeýtdim, elbetde. Başga bir gün oglum Röwşen jan ýanyma geldi-de:
– Agaç döwseňem gowulyk bolýamy, kaka, agaç çemçeleri döwseň? – diýip sorady.
– Be-eý, bilmedim-ow, oglum şony – diýdim.
– Onda äpişgelerimiziň aýnalaryny döwäýjek men-ä – diýdi olam.
– Döwseň, döwäý – diýdim. Az salym geçensoň, bir eýlämden, bir beýlämden pagşyldy gopup ugrady…
Ine, şeýdip, ýaşap ýörüs. Ejem-ä gara berenok.
Gowulyk bolsa, onuň geljegi belli. Gowulyk welin ýok! Ýogsa, jäçden ýasalan zatlarymyz gutaryp barýar.Şonda-da gezip ýörün. Garaşýan. Umyt edýän.
Meniň durmuşymda köp mahallap gowulyk bolmandy.

1993. Aşgabat.

Kakamyrat ATAÝEW.

Hekaýalar